# Reisiniñ ölümi: Nämälim heläkçiligiñ añyrsyndaky bolup biläýjek senariler

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Reisiniñ ölümi: Nämälim heläkçiligiñ añyrsyndaky bolup biläýjek senariler REISINIÑ ÖLÜMI: NÄMÄLIM HELÄKÇILIGIÑ AÑYRSYNDAKY BOLUP BILÄÝJEK SENARILER



Eýranyñ prezidenti Ibrahim Reisiniñ 2024-nji ýylyñ 19-njy maýynda Gündogar Azerbaýjanyñ Warzakan diýen ýerine golaý ýerde geçiren wertolýot heläkçiligi Eýranyñ öz içinde-de, halkara arenada-da gyzgyn seslenme döretdi.
Bu pajygaly hadysanyñ añyrsynda kast edilşik-sabotažyñ barlygy-ýoklugy hakynda dürli çaklamalar orta atylyp başlandy.
Döwletiñ mediýa organlary hadysany wertolýot heläkçiligi diýip berse-de, dürli medýa serişdelerinde munuñ sabotaž ýa-da kast

edilşik bolmagynyň mümkindigi aýdylýar. Heläkçiligiň yzysüre Eýranyň Içeri işler ministrliginiň degişli ýolbaşçylary hadysanyň sebäplerini doly anyklamak üçin düýpli derňew işiniň açylandygyny mälim etdiler. Emma berilen bu beýanatlar köpçüligiň şübhelerini aradan aýryp bilmedi.

Reisiniň içerki we daşarky syýasy ugurlarda gazaply çykyşlary edendigi sebäpli köp sanly duşman gazanan bolmagy terakt ähtimallygyny güýçlendirýän faktor hökmünde baha berilýär. Heniz bu pikiri tassyklap biljek subutnamalar ýok, şonuň üçinem tehniki näsazlyk ýa-da sürüjiniň ýalňyşlygy ýaly beýleki ähtimallyklaram gözden salnanok.

Wertolýotyň modeli we tehniki aýratynlyklary-da jedelleriň üns merkezinde. Eýranda prezident Ibrahim Reisini we onuň ýanyndakylary alyp barýarka heläkçilige uçran «Bell-212» kysymly wertolýot Yslam rewolýusiýasyndanam, ýagny 1979-njy ýyldan öň Eýrana ABŞ tarapyndan berilen wertolýotlaryň biri.

Bu wertolýot rewolýusiýadan öň Eýran tarapyndan satyn alynyp, birnäçe ýyl bäri ulanylyp gelinýärdi. Wertolýotyň ýaşy we tehnologiki ýagdaýy heläkçiligiň sebäpleri boýunça ýumagyň ujuny çöşledip biler.

Eýranda şuňa meňzeş heläkçilikleriň mundan öňem bolup geçýändigi we şular ýaly ýagdaýlarda köplenç tehniki näsazlyklaryň we wertolýota gowy seredilmeýändiginiň rol oýnaýandygy mälim. Eýranda wertolýotdyr şuňa meňzeş ulaglaryň seredilişinde we gözegçilik edilişinde wagtal-wagtal bökdençlikleriň bolup geçýändigi, bu ýagdaýyňam heläkçiliklere getirip bilýändigi aýdylýar.

Şeýle-de, periodik hyzmatlaryň ünssüz edilmegi we käbir synaglaryň köre-körlük bilen amala aşyrylmagy bular ýaly hadysalaryň howpuny artdyrýar.

Heläkçiligiň seresapsyzlykdan bolup-bolmandygy boýunça anyk netijä gelmek üçin bu derňewiň netijelerine garaşylýar.

Tehniki hyzmatlaryň pesliginiň we näsazlyklaryň bular ýaly heläkçiliklerde uly rol oýnap bilýändigi göz öňüne tutulanda, hadysany jikme-jik öwrenmek we ähli faktorlara üns bermek gerek.

Reisiniň ölümi bilen soňlanan bu pajygaly heläkçiligiň aňyrsyndaky hakykatlary diňe düýpli derňewiň netijesinde orta çykaryp bolar.

Derňew tamamlananda heläkçiligiň düýp sebäbine we bolup biläýjek seresapsyzlyk ýagdaýlaryna has aýdyň göz ýetirip

bolar.
Ýakynda Slowakiýanyň premýer-ministri Rikonyň janyna kast edilmäge synanyşylmagy 19-njy maýda Eýranyň prezidenti Reisiniň etiologiýasy soňlanmadyk heläkçilikden soň ölmegi bütin dünýäde syýasy liderler garşy düýpli garşylygyň bardygyny görkezýär.
Bu aýry-aýry iki näbelli hadysada meňzeş ýeke zat bar, olam – iki lideriňem «kesgitli – berk we aýryşdyryjy diliň» üsti bilen alyp baran syýasatlarydyr.
Premýer-ministr Riko kast edilşiginde geçen makalamyzda durup geçişimiz ýaly birnäçe sorag alamaty bar we jemgyýetçiligiň gözi bilen seredeniňizde aslynda hiç hili sorag alamaty ýok. Bu görnetin kast edilşikden başga zat däl.
Aslynda şeýle ýagdaý Reisiniň heläkçiliginde-de gaýtalanýar. Eýran we halkara jemgyýetçiliginiň gözi bilen seredilende, bu, görnüp duran awiaheläkçilik.
Emma? Başga göz bilen seredilende, sizde şu soraglar döräp biler:
Wertolýotyň köne bolmagy, tehniki taýdan seredilişinde goýberilen säwlikler, sürüjiniň ýalňyşlygy, programmalaryň täze däldigi ýa-da hiç hili programmanyň ýokdugy, howa şertleri we elbetde kynçylyklar, hatda sabotaž?..




Şeýle soraglaryň hemmesiniň jogaby bar. Özem bu jogaplary bilmek üçin hünärmen bolmagyňam geregi ýok. Ýönekeý soraglaryň jogaby-da ýönekeý bolýar.

Hawa, wertolýot könedi. Ol kyrk bäş ýyl mundan öňki, hatda ondanam öň satyn alynan wertolýot. Eýrana garşy girizilen sanksiýalar zerarly Eýranyň Howa tehnologiýasy senagaty tehniki taýdan we ätiýaçlyk şaýlaryndan uly kynçylyklary başdan geçirýärdi. Şonuň üçinem ol «krizisi çözýän – ýarym wagtlaýyn» çözgütler bilen mätäçliklerini giderjek bolup jan edýärdi. Emma görlüşi ýaly, ol jan etmekden has köpüsini etmeli eken.
Gynansak-da, tehniki hyzmat ediş işleri babatda bolýan bökdençlikler sanksiýa meselesi bilen ugurdaş.
Ýöne tehniki hyzmat ediş işlerine jogap berýän tehnikler kim? Wertolýot asmana galmazdan öň uçuş zolagynda soňky gözegçiligi eden tehnikler kim?
Birem şolaryň kimdigine seretmek gerek bolmazmyka?
Hökmanam seredilendir. Muňa pylan zat diýip bolmaz.
Sürüjiniň ýalňyşlygy? Bolup biläýjek zat. Doly diýen ýaly manuel we birnäçe tehnologiki üýtgeşmeden binesip galan polat gapyrjagy uçurmak üçin «ýokary pilotaž taýýarlygy» gerek.
Ulag ýaramaz bolsa sürüji ökde bolmaly, sürüji ýaramaz bolsa ulag gowy bolmaly, emma ikisi-de ýaramaz bolsa, onda gowy dini işgäri tanamaly bolýar.
Megerem bu ýerde Reisi biraz özüne artyk baha beren bolmaly.
Eýsem-de bolsa, sürüjini, tehniki hyzmat ediş we gözegçilik işgärlerini Reisiniň özi saýlap aldymyka?
Özi bir ýurduň prezidenti bolsa… bular ýaly zatlara wagtyny gidererrmikä?
Elbetde, ýok. Onda bu logistiki hyzmatlary üpjün edýän, ýola goýýan we ýerine ýetirýän kim, kimler?
Näme bilen, kim bilen, nähili baglanyşyklary bar?
Bulara-da hökman seredilendir. Iň bolmanda seredilendir pikir edeliň.
A sürüjä seredildimikä?
Dogry, ykjam, jaýdar motiwasiýa bilen sürüjiniň nämeleri edip bilýändigini taryhdan bilýäris. Iň beterem amerikanlar bilýär. Adam «näme üçin bolmasyn?» diýip, pikir etmän bilenok.
Şonsuzam ýaňy weryolýotdaky programmanyň täze-köneligini bir gyra goýdyk, munuň barlygy-ýoklugy babatda şübhelerimiz barka, ýer taýýarlaýyş toparynyň geçiljek ugurdaky howa şertleri boýunça-da maglumatlary ýokmudy?
Ugur kesgitlenende, göz-görtele wertolýodyň pyrlampajy şeýle kyn we çetin şertleriň arasyna ýöneldildimi?

Ýer taýýarlaýyş toparynyň düzümi gözden geçirildimikä?
Aslynda howanyň ýagdaýyny görmek üçin ýer taýýarlaýyş toparynyň, howa we transport hünärmeniniň geregi barmy?
Indi size bulary jalbaryňyzyň yzky jübüsinde göterýän abzalyňyzam aýdýar…
Muny bilmek üçin nirede we haýsy günde bolandygyňyzyň hajaty ýok.
Reisi? Özi-de seredip bilerdi aslynda?
Onda bu sabotaž bolsa näme?
Mümkin däl!
Güýç-kuwwatly we Ýakyn Gündogaryň peleňi Eýrana haýsy samsyk beýle zat edip bilerkä?
Bu boýunça düýpli birküç sany animasiýa tomaşa etseňiz, Eýranyň näderejede üstüne gyl gondurmaýan döwletdigini görmekde kynçylyk çekmersiňiz.
A birden duşman ýurduň kontrrazwedka gullugynyň ýörite operasiýasy bilen Reisiniň münjek ulagynyň öwrenilmeginiň yzyndan şol ulaga gizlinlik we professionallyk bilen amala aşyrylan taktiki hereket operasiýasy netijesinde bolan bolsa näme? Hem asmana galandan soň herekete geçen tehniki hüjüm?
Aý ýok, Eýran ýaly ýurduň garşysyna beýtmäge hiç kimiň bogny ysmaz. Muny etmek üçin ýa aklyňdan azaşmaly, ýa-da lülgammar serhoş bolmaly, emma ikisi birden bolup bilmez.
Sesdenem çalt uçýan söweşjeň uçarlary urup ýykmaga ýekeje garga ýeterlik…
Pikir edip görüň, wertolýodyň pyrlampajyny urmaga näme ýeterlik bolmaz öýdýärsiňiz?
Doly towlanmadyk bolt, ownuk elektrik näsazlygy üçin kesilen kabel, ýerinden sogrulan razýom, gahary gelip, gulagynyň düýbüne çenli gyzaryp duran uçarman, maşgalasy howp astynda bolan tehnikler, bankdaky hasaby ummadan aşan ýer taýýarlaýyş toparynyň işgärleri…
Aslynda bularyň geregi-de ýok. Wertolýoty howada uçup barýarka işlemez ýaly etmegiň onlarça ýoly bar. Hatda munuň üçin oýunjak dükanlarynda satylýan dronlaram ýeterlik. Şojagaz kiçijik oýnawaçlaram dogry ýerde we dogry wagtda ulansaňyz, köstsüz terakt guraly bolup hyzmat edýär…
Emma bulam onçakly mümkin däl… Çünki bärde Eýranyň gürrüňi gidýär…
Emma ähli ähtimallyklaryň içinde şulam bar: Uly döwletiň prezidentini, daşary işler ministrini we käbir ýokary düzümli

harby ýolbaşçylaryny alyp barýan wertolýotyň heniz nämälim sebäplerden ötri heläkçilige uçramagy….
Iň mantyklysynyň şudygyna-da şek-şübhe ýok. Hem men muňa ynandym.
Çintgäp oturmagyň manysy ýok. Maňlaýyna ýazylandyr-da, takdyry şeýledir-dä… Elden hiç zat gelmeýär.
Boljak işe hemem öljek adama çäre ýok.
Näme edeliň? Sanalgysy dolandyr-da…

Serkan ÝYLDYZ,
Kontrrazwedka we howpsuzlyk boýunça hünärmen.

@serkan80yildiz
yildizserkan71@gmail.com

Çarşenbe, 22.05.2024 ý. Publisistika